THE ASHGABAT TIMES

# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Saud Arabystany Patyşalygynyň döwlet ministri bilen duşuşdy

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Saud Arabystany Patyşalygynyň döwlet ministri, Ministrler Kabinetiniň agzasy Emir Turki bin Mohammed Al Saud bilen duşuşdy.

Söhbetdeşler mähirli salamlaşyp, birek-biregi mukaddes Oraza baýramy bilen gutladylar hem-de bu mübärek aýda tutulan orazalaryň, edilen ybadatlaryň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny arzuw etdiler.

Myhman mümkinçilikden peýdalanyp, Iki Mukaddesligiň Hyzmatkäri Saud Arabystanynyň Patyşasy Salman ben Abdelaziz Al Saudyň we Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saudyň iberen salamyny hem-de iň gowy arzuwlaryny ýetirdi we Saud Arabystanynda Türkmenistanyň ähli ulgamlarda gazanýan üstünliklerine ýokary baha berilýändigini belledi. Şeýle-de myhman Aşgabadyň gözel binagärlik keşbiniň, onuň bagy-bossanlyga bürenen seýilgähleriniň özünde ýakymly täsirleri galdyrandygyny aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Iki Mukaddesligiň Hyzmatkäri Saud Arabystanynyň Patyşasy Salman ben Abdelaziz Al Sauda hem-de Patyşa maşgalasynyň agzalaryna salamyny beýan etdi. Milli Liderimiz dostlukly ýurduň döwlet ministriniň şu gezekki saparynyň üstünlikli geçmegini arzuw edip, onuň netijeleriniň köpugurly türkmen-saud gatnaşyklaryny has-da ösdürmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan bilen Saud Arabystany Patyşalygynyň arasyndaky döwletara gatnaşyklar açyklyk, özara hormat goýmak, ynanyşmak häsiýeti bilen tapawutlanýar. Ýurtlarymyz syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Şunuň bilen baglylykda, söhbetdeşler ýangyç-energetika, söwda, maýa goýum, ulag-aragatnaşyk, himiýa we dokma senagaty, oba hojalygy pudaklaryny söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda belläp, şu babatda bar bolan mümkinçilikleri doly ulanmagyň zerurdygyny nygtadylar.

Ýurtlarymyz diňe bir ikitaraplaýyn derejede däl, eýsem, abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň we Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň çäklerinde-de üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler. Şunuň bilen baglylykda, halkara syýasatyň möhüm meseleleri, hususan-da, dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek babatda iki döwletiň garaýyşlarynyň meňzeşdigi ýa-da ýakyndygy kanagatlanma bilen bellenildi. Munuň özi halkara giňişlikde utgaşykly hereket etmek üçin wajyp şert bolup hyzmat edýär. Mundan başga-da, söhbetdeşler parlamentara hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin giň mümkinçilikleriň bardygyny bellediler. Kanun çykaryjylyk

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

ulgamynda tejribe alyşmak we parlament wekilleriniň arasynda iş gatnaşyklaryny ýola goýmak dowam edip gelýän hyzmatdaşlygy täze mazmun bilen baýlaşdyrmaga ýardam berer.

Gahryman Arkadagymyz medeni-ynsanperwer ulgamy türkmen-saud gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda belläp, Türkmenistanyň bu ugurda iki doganlyk halky ýakynlaşdyrmaga hyzmat etjek anyk işleri durmuşa geçirmäge taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Saud Arabystany Patyşalygynyň döwlet ministri, Ministrler Kabinetiniň agzasy Emir Turki bin Mohammed Al Saud netijeli gatnaşyklaryň iki ýurduň doganlyk halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

Все права защищены